# Ýaraşmaz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýaraşmaz ÝARAŞMAZ

Agyzlar bir gerek, döwletli ilat,
Agzalalyk agyr ile ýaraşmaz.
Iş ötenden kylyp, dat bilen bidat,
Soňundan efgany-nala ýaraşmaz.

Haka ilat gerek, ile ser gerek,
Il bähbidin kylgan şiri-ner gerek,
Her söhbetiň teni-reňgi bir gerek,
Bir meýlis içinde ala ýaraşmaz.

Saýlap häkim goýsaň äriň ärini,
Il üçin sarp eýlär herne baryny,
Eger goýna çopan kylsaň börini,
Gurduň gadamynda gäle ýaraşmaz.

Parz wajyp – tagamy dost bilen iýmek,
Özüňi süýt bilgil, dostuňy gaýmak,
Kätibi, söz çohdur, ýagşysyny diýmek,
Kem zehine, kelçik dile ýaraşmaz.

Öweztagan KÄTIBI. Goşgular